# Baýguşlar

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Baýguşlar BAÝGUŞLAR

Biri-birisini başda bir goldap:
«Seniñki rast-da, seniñki rast».
Köne tama gelip gondular bile,
Ýaşaldy biraz.

Bir gün aýjyn sesli biri gygyryp,
Beýlekiñ ukusyn bozdy oslagsyz.
– Gerekmejek wagty ses etme how, sen!
– A sen, biwagt çagy ýatma islegsiz.

– Maña «sen» diýýärmiñ, gowsy gümüñ tap.
– Ýok, asla bu köşki taşlap gitmerin.
– Hä… seniñ bir… ine, taşlap gitmeseñ!
Şagallara şam ederin etleriñ.

– Gözüñi akdyryn, ynha, gör-de dur.
– Men seniñ diliñi sogyryn şeýdip.
– Men seni ganatdan aýraryn anyk
– Sesiñ çykmaz ýaly ederin gaýdyp.

…Aý, garaz, henizem şo köne tamy,
Özara paýlaşyp bilenokmyşlar.
Oña derek bir-biriniñ etini
Iýýärmişler…
Ýöne ölenokmyşlar
Baýguşlar!

Ahmet MÄMMEDOW. Goşgular